# «Gökdepe mukamy» / goşgular toplumy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
"Gökdepe mukamy" / goşgular toplumy **• 12-nji ÝANWAR**

Bu gün türkmen türkmen bilen birleşýär!
Bu gün türkmen watan bilen birleşýär!
Haýyr-sahawat bar, ýagşy kelam bar –
Türkmenimde müň dessanlyk kelam bar!

Millet ýer deý süýşüp, togaba barýar!
Öz-özüni päkläp, sogaba barýar!
Toba edip, asman bilen birleşýär –
Bu gün ymmat serdar bilen birleşýär!

Aýatda diriniň ynsanlyk parzy –
Bu gün agyr ýasda juwan hem garry.
Ýok, utanmaň – aglamaga utanmaň,
Ölä-dirä bir Watan bar, watan bar!

Ony söýüp, ynsabyň ak pamyk bor!
Ony gorap, munda baky galyp bor!
Bu heňňamlar könedir hem täzedir,
Watan – imanyňdyr,
Watan – käbedir!

Hanha, bir tabaga eller uzalýar,
Türjkmen beýik türkmenligne dolanýar.
Bu gün Hak öňünde ählimiz bende –
Hatyra bar derejeli türkmende.

**• HATYRA GÜNI**

Hatyra gününden başlanýar ýyllar
Bu – ýürekde ýagşy kelam diýmekdir.
Şehitleriň hem ertekleň öňünde –

Aýatda diriler halal diýmekdir.

Türkmen döwletiniň rowaçlygydyr
Hemem haýra tarap uzan kökleri.
Ol tümmekler ady türkmen bolanyň
Ömrüne göterip ýören epdegi!

Iliň zyýaraty – Käbeklik bir zat!
Iliň sadakasy – kabuldyr, kabul!
Türkmenistan ýyly şeýle başlaýar –
Ymmatyňdan razy bolgun, resul!

- **AMAN GÖRÜNDI**

*At çapyşdy kapyr bilen musulman,*
*Musulmanyň aty çaman göründi.*
***Tilkiçi.***

Uzagyndan bolawersin döwletiň,
Türkmene bir ajap zaman göründi.
Ýedi arka ymmatyňy haladym,
Söýünhanyň ili aman göründi.

Bu gün matamyňa ýakyny-daşy –
Üýşürýäň, deň edip ýaz bilen gyşy,
Zyýarata gelýär Türkmeniň Başy –
Haýyr-sahawatdan nyşan göründi!

Türkmen, zalym topa berdi dünýäňi…
Halk namysy –
asyrlary bilýämi?!
Iňňildäp-iňňildäp gara ýel ýaly –
Aryklardan akan al gan göründi.

Serdar ýüregine heýkel dikmeli,
Dogry sözli hemem halal lukmaly,
Orazmämmet, Öwezmyrat Dykmaly –
Ýolbars ogly Nurberdi han göründi.

Gözüň aýdyň: Hakyň nazary düşdi!

Owadan ýaýlanyň özgerdi keşbi,
Dilleri – dogaly,
başlary – peşli,
Tagsyr Gurbanmyrat işan göründi.

Asyrdan asyra uzalyp sarpaň,
Düýnleriňde gan bar –
nur bolsun ertäň,
Şehit ruhuňa alnyny sürten –
Kurany-kerimden azan göründi.

Oguz handan gaýdyp asyl binýady,
“Ýurdum!” diýer türkmen agaň zürýady,
Abatdyr olaryň iki dünýäsi –
Ahyrýet ýoldaşy –
iman göründi.

Saňa tagzym eden hajydyr-hajy,
Görmäge göz gerek gadym Arkajy,
Indi atyň galmaz şahyr Tilkiçi –
Şükür, döwletimde dowam göründi.

- **DIŇLIDEPÄNIŇ ÜSTÜNDE**

*Çüýrük saman däl ahyryn meň aslym*
***(Irki goşgymdan)***

Munda bar zat taryh. Diýmek, aňry bar!
Dawa ýok, jenjel ýok aralarynda.
Olaryň üstünde beýik taňry bar –
Garaşsyz ýurdum bar arkalarynda!

Müýnleri ýok, ýekeje-de dönük ýok…
Göni seredip dur, gözler arassa!
Başga ýerde beýle adyl şalyk ýok –
Hemmeler deň, hak öňünde neresse!

Olar ýurt eýesi, atlary aýan,
Hanha ýatyr gara başyn goýanlar,

Ölüp gitmez ahyr –
watanyn aýan –
Ölüp gitmez ahyr –
ilim diýenler!

Aýat – dirilerden garaşýanlary…
Umydygär serdarlary, hanlary.
Garaşsyz ýurdumyň garždanlary –
Garaşsyz ýurdumyň gahrymanlary!

Size – elimden gelse, ynanyň,
Gowşurardym başbildini diýaryň.
Buýsanjymdan aglap-aglap ýazanym
Bardyr –
adyňyzy alkyşlaýaryn!

Eziz döwletimi aklkyşlaýaryn!
Beýik Serdarymy alkyşlaýaryn!
Sogaplyk sözlermiň aýdaryn baryn –
Özüm aýamaryn – Sizi aýaryn!

Biziň yzymydan gelýän nesiller,
Sizi ýaşyl tuguň astyna alar.
Türkmenler birleşer –
yza tesilmez,
Hudaý halap, uly ýagşylyk bolar!

Ömür berse, şindi pikirim kändir,
Ýurt – aman,
il – abat gelinmez asgyn.
Şygyrlar dogulýar. Şükürim kändir –
Çüýrük saman däl ahyryn meň aslym!..

- **NURBERDI HANA**

Arka gözläp geldim.
Çökdüm alnyňda.
Sanadym bilýänje dogalarymy.
Ýitip gitdiň bir asyrlyk salgymda –

Şükür, indi tapdym dowamlarymy.

Mazaryňam özüň ýaly uludy…
Topargyňa tagzym edýär gelenler.
Taýak iýýär inerleriň ulusy –
Ýöne il diýeniň kerwen bilendir!

Aýlanar-dolanar,
ýene biriger –
Dünýädir, çyn bardyr hem bardyr ýalan…
(Men heýkel dikýärin gözel ilime –
Döwletýaryň ogly Nurberdi bilen!)

Tirsegne galdyryň – beýik türkmeni,
Tirsegne galdyryň – ýolbars ogluny.
Yzyna düşürip ähli mertleri –
Iliniň öňünde örän dogrudy!

Imanlydy erteleriň öňünde!
Oňa şaýat –
toprak üste al gany.
Ata-babalardan gaýdýan bogunda –
Ady dile sena hanlaryň hany!

Rahat ýat öýüňde, ynjal, gozganma,
Arkaýyn bol, ata ýurduň yranmaz!
Bugaryp dur kyrk gulakly gazanlar –
Türkmenime gol uzatdy erenler!

Şu şygry kabul etseň şanyňa,
Senem ak ýol açsaň, eý, beýik Taňrym!
Arka gözläp geldim bu gün ýanyňa –
Sag bol.
Jaýyň jennet.
Edýärin tagzym!..

- **GURBANMYRAT IŞANA**

*Işanym, işanym, ýör-hä-ýör boldy…*

*(Köne aýdymdan).*

Işanym, işanym, gözleriň aýdyň,
Adyň ýene doga boldy illerde.
Men Sizi hemişe keramat saýdym –
Agyr-agyr geçmişlerde –
düýnlerde.

Gara ýel dek güwläp gygyranlary,
Diýdim: “Taňry öz päliňe duşursyn”.
Gökdepä jort atyp tüýkürenleri,
Ertir namazynda duza tabşyrdym…

Ol bolsa güýçlüdir –
kalba salsynlar –
Watan, toprak, il-gün ezizdir eziz.
Türkmen ruhunda pirli tamdyryň –
Gurbanmyrat işan –
resula ýakyn!

Sözüňiz bigüman Haka ýetendir!
Onuň düýni bardy –
dowamy boldy.
Serdarlar, işanlar, ärler – watandyr,
Türkmen, şeýdip, beýik galaly boldy.

Ony kesek saýmaň çig süýt emenler,
Doga okaň, aýat-töwiri ýetsin.
Munda ýurt iňňildär…
Şehit ölenler –
Bizden razy bolsun hem göwni bitsin…

Ýogsa olaň güler ýüzi salyk bor,
Bu bolsa aýypdyr – türkmene ýatdyr.
Ýurdy saçak saýyp – bagtly bolup bor,
Ýurdy saçak saýyp –
iller abatdyr!

Işanym, işanym, günämiz geçiň,

Size aýan ahyr –
dünýe yrgady…
Keremiňuiz bilen ýolumyz açyň –
Goý, ýalkansyn hak resulyň ymmaty!

## • GARA BATYRA

Meniň oglanlykda eşiden sözüm:
“Gara batyr!
Gara batyr!
Gara batyr!!!”
Gojalar şeý diýip agyr dymardy,
Eneler şeý diýip, aglap oňardy…

Ýigit çykdym,
başga-başga döwürdi –
Ýyllar ömrümizi darap, egirdi.
“Ýandaklyagyzda” oba bagşysy –
Çalaja hiňlendi gözýaşa garyp,
Şeýdip batyrmyza edipdi şärik…
Pyşyrdapdy: “Gara batyr!
Gara batyr!
Gara batyr..
Iliň bardyr, agam, türkmeniň bardyr…”

Saçlara ak düşdi, ýüzde –
ýygyrt bar,
Ýbatyryň ruhuna aýan höwürtgäm –
– Gara batyr!
Gara batyr!
Batyrlar hak halap dogulýan borly,
Olar türkmen üçin öwl;üýä borly…

## • GARRY ATAMA

Serdar däl, ahun däl başy selleli,
Gyrkylykly bendeleriň biridi.
Onuň mäşirik dek gara kellesi –
Togalanan kelleleriň biridi.

Görogly däl,
ýok, ýok,
Gara batyr däl,
Bir ýarlykly garyp gününe kaýyl.
Başa ýow düşende busan hatyn däl,
Ýurt üçin on gezek ölmäge taýyn –

Şeýleräk ekeni pahyryň bolşy,
Ýek ýigrenen şyr päkini, ýülmegi.
Kysmata ýazylyp Gökdepe urşy,
Onda –
är ýerinde durup ölmegi –

Başarypdyr…
Bu gün gijigip söýüň,
Olar türkmen döwletinde taryply.
…Şehitleň içinde atam bar diýip –
Şygyr ýazyp ýörün beýik taryhly!

* * *

Toplar rüstem geldi, galdy gyrkylyk…
Iň soňky gerçegem, ynha, ýan berdi,
Giç öýlän hapylap gelen ýel ýaly,
Sürdi ganym –
obaň üstüne sürdi.

Öýleň depesinden gara sil bolup,
Indi namys atly bir agar bela.
…Naçarlara hemle uran ýaşuly –
Pyşyrdady:
“Özüň ýetiş, ýa pena

Ýyldyrym bol,
Ur sen,
“Wah” diýsem – namart.
Inder düýrme gylјy, depämden inder.
Binamyslyk derdin berme bu başa,
Soň ony der bilen ýuwaýmak kyndyr.

Soň ony gan bilen ýuwup bilmersiň…
Tegmil düşse, emen süýdüňde galar.
Heňňam giňdir, geçir goýbär duşuňdan,
Ýöne bu zat seniň adyňda galar”.

Ak sakgal çalaja titiräp gitdi,
Ýürege çabyrap, beýnä urdy ot.
Gyljyn syryp, ýagy geldi gapyňdan,
Ak sakgalyň orta düşdi Nurmyrat!
Päk namysyň orta düşdi Nurmyrat!

Kakyp alyp, tärimdäki gylyjy,
Dessesinden tutdy ot ýaly tygyň.
(Nirden ýada düşdi ýeke zarbyňda
Galkan gümmerdeden ýigitlik çagyň).

Şol durşuna arlap çykdy gapydan
Bir duşman tüwdürlip gitdi, serildi.
Ýene biri…
Gylyç sallandy aşak,
Çal gursaga otly hanjar uruldy.

Üç pyýada kürsäp girdi içerik,
Gelinlere tarap uzaldy eller.
Goja tisginmedi.
Sebäbi indi –
Hiç kim oň namysyn depeläp bilmez.

Ol halal.
Onuň sakgalam halal.
Özem halal.
Lebzem halal.

## • “TILKIÇI” TAHALLUSLY ŞAHYRYŇ HATYRASYNA MINNETDAR NESILLERDEN IKI OÝNAM ÝAGŞY SÖZ

Onuň bar ýazany ýekeje goşgy
Wessalam. Gidipdir mundan göterlip.
Taryh bolmak üçin –

heýhat gününde
“Aýan göründini” ýazmak ýeterlik!

Il ogluna mynasypdyr beýle düýş!..
Bu gün bize arkalyk hem pederlik.
Şahyr bolmak üçin –
halal türkmende
“Aýan göründini” ýazmak ýeterlik!

## • AMANGELDI GÖNÜBEGIŇ ÖLÜMI HAKYNDA KIÇIJIK GOŞGY

Ganym güýçli…
Gum garbady serdarlar…
Alajyň ýok –
başyň egmeli bolar.
Ol diýipdir: “Onda galdy naçarlar,
Duruň, ýene telpek geýmeli bolar…”

Jan diýeniň süýji borly telpekden…
Adamlar güpürdäp, gala giripdir.
Amangeldi ah çekipdir ýürekden,
Çöke düşüp, ýüzün Käbä öwrüpdir.

“Maňa bir görkezme,
görkezme, Allam!..”
Namaz hem top oky… Galypdyr sowap…
…Türkmeniň namysa galanyn görmän –
Namysdan ölüpdir. Mukamlar dowam!

* * *

Sütün-sütün ärler geçen jahanda,
Buzaw dek yzymy gömmän ulaldym.
“Ýandaklyagyzda”,
gadym Ahalda –
“Gökdepe mukamyn” diňläp ulaldym.

Joşan çagym parlap aryşdan geçip,
Ýüregmiň owazy kirişden geçip,

Ilim bilen ganym uruşdan geçip,
Il-günüň edenin oňlap ulaldym.

Gyýyldym bir bendäň güni ýaşanda,
Içim güldürmedim çakyşanda,
Dostumyň namysy orta düşende,
Şükür, gaýrat tapdym, dymman ulaldym.

Köne haýatlary ýatdym ýassanyp,
Gördüm sähra ýaz gelende gyssanyp,
Pyragyň gözünde galan mesgenim,
Saňa ykbal baglap, doňman ulaldym.

Bir gün wysal tapdym üstünmde ýaýlaň,
Bir gün ýer sermedim atamy jaýlap,
Öz çekmeli ýüküm egnime taýlap,
Kişiň gerdenine daňman ulaldym.

Şahyrdygmy bildim gül açanda nar!
Watan bilen saňa bergili men, ýar!
Heýkel dek göterýän bir buýsanjym bar:
Belent başa kesek zyňman ulaldym!

Her gezek Ýeňişli dolananda maý,
Owsunyp özüme hiç tapmadym jaý,
Hiç haçan bolmandym ruhy gedaý!
Asmana-zemine sygman ulaldym.

## • ŞEHIT ATA-BABAM – TIRSEGIŇE GAL!

Başa iş düşende ruhy küýselen –
Şehit ata-babam –
tirsegiňe gal!
Üstüňde döwletiň, bu gün idelen –
Şehit ata-babam –
tirsegiňe gal!

Kim bolaýsyn, gezýän bolsa kastyňda,
Haramylyk bardyr onuň aslynda,

Hak sylamyş şu topragyň üstünde –
Şehit ata-babam –
tirsegiňe gal!

Begzadany gaýmagyndan galdyran,
Ganymlary baýdagyndan galdyran,
Gatyrlary toýnagyndan galdyran –
Şehit ata-babam –
tirsegiňe gal!

Ketenini ysgamadyk armanlar…
Şindi gaty açylmadyk Kuranlar,
“Ýurt gitdi!..”
“Ýurt gitdi!..” diýip aglanlar –
Şehit ata-babam – tirsegiňe gal!

Ýer dek parhly bolmaklygy öwreden,
Ary ýerne salmaklygy öwreden,
“Ýurdum!..” diýip ölmekligi öwreden –
Şehit ata-babam –
tirsegiňe gal!

Öz gününe kaýyl çarwa-çomursyň,
Dosta – dost, duşmana – polat-demirsiň,
Aglardym men bolan bolsam aňyrsyz –
Şehit ata-babam –
tirsegiňe gal!

Depesinde gylyç oýnan döwürden
Haýgyp, agzyn açyp galan degirmen,
Meniň arkam –
parçalanan Bezirgen –
Şehit ata-babam –
tirsegiňe gal!

Gözüň aýdyň: aýat-töwirli üstüň!
Ylaýym kökleriň uzaga gitsin!
Ölüp goran ýurduň saklandyr nesliň –
Şehit ata-babam –

tirsegiňe gal!

1991-nji ýylyň 12-nji ýanwary.

* * *

## *Annagylyç Mätäjä*

Är ekeniň, Annagylyç Mätäji!
Togap edip, dyzä çökýän öňüňde.
Munda barça işiň bolar alajy –
Durup bilseň, iliň duran ýerinde!

Sen durupsyň,
Gökdepede durupsyň,
Şeýdip, şygyrlaryň bolupdyr seger.
Ganym –
ýürek sözleriňi urupdyr –
Olaryň üstünde güwläpdir toplar.

Ýöne şygyrlaryň geň ykbaly bar:
Sözden ejiz gelýär ýowlar hem tupan.
Il-güni gerekläp, çykanda hossar
Ömürlikdir, taryhy deň Gökdepäň.

Onsoň bedewleriň Süleýman tagty,
Dutara şan –
gara gözli ýar çyksa!
Ýurduň hem ymmatyň gelermiş bagty
Serdarlary, şahyrlary är çyksa!

Neneň onsoň Hally bagşy göçmesin,
Gelinleriň zülpi dutara tarka!
Neneň onsoň türkmen gül-gül açmasyn,
Hakdan Mätäji deý şahyry barka!

Ruhuň ynjamasyn ýatan ýeriňde,
Arkaýyn bol: epdek bolup galypsyň!
Iliň-ä – il,
watan – watan ýerinde,

Gözüň aýdyň: mekdep bolup galypsyň!

***

Gökdepe urşundan gylyç galypdyr,
Golboýy aksaply – kersen galypdyr.
Ýaradanyň huzuryna türkmeniň –
Elýetmez ruhun elten galypdyr!

Ýalaw döküp duşmanynyň üstünden,
Ata çykan serdar hatyn galypdyr.
Tuguň gitdi ganym.
Öl, namysdan, öl –
Şir ýürekli Begenç batyr galypdyr!

Jahandan gidende Aý-Gün tutulan –
Taňra ýakyn – Berdi kazy galypdyr.
Gözel ilim!..
Türkmenim sen, türkmenim…
Herhal, ertelere duzy galypdyr.

Hamyry galypdyr, özli hamyry!
Hemem…
Hemem baş maýasy galypdyr!
Ýoluň açylanda şeýle bolýandyr –
Biribaryň öz saýasy galypdyr!

Eý, çörekli ilim,
Hak sylan mertler,
Geçmişden –
Geljege
Ýol salýar türkmen!..

## • GÖKDEPE WAKALARY HAKYNDA ESER ÝAZÝAN GALAMDAŞLARYMA HAÝYŞNAMA

Baş üstüne! Ýazyň gije hem gündiz,
Kyssalar eçiliň, oda gönderiň.
Ýöne bir haýyş bar – berk belläň hergiz:

Ilki ýüregňizi oda gönderiň!

Atylan oklaryň sany gerek däl…
Hem gury beýany gara günleriň.
Oňa derek kimligine seretmän –
Hol şehidi gujaklaň-da möňňüriň!

Aglaň ýüregňize agram düşüip,
Biganelik etmän öňünde düýnüň.
Gökdepe kitap däl, şoňa düşüniň,
Ol ynjan ruhy bir agyr iliň!

Ýok, gowaça deýin paýlaşyp bolmaz,
Onda ärler ýatyr ahyr halatly!
Öwlüýäni sylaman
– sylaşyp bolmaz,
Iň bärkisi baraweriň täretli!

Ynha indi ýazyň. Başga haýyş ýok.
Ertirden gorkmasaň öňünde düýnüň.
Türkmen ýatyr
Mertlik ýatyr!
Nalyş ýok!
Yranmaz ruhy bir agyr iliň!

- **AGY**

*Çary Amangeliň "Teke amazonkasyna" bagyşlanýar*

"Mert bol, uýam!.."
Başga näme diýeýin…
Şeýle kysmat ýeten eken Jepbardan.
Ganym topa tutar. Emmaki ajal –
Häzir ejiz seniň ýoluň beklärden!

Süýnüp barýaň.
"- Hoş gal, harlanan ojak!.."
Süýnüp barýaň.
"- Ynjal, şehit bolan ýar!.."

(Türkmeniň gelini ata çykanda,
Ar ýolundan diňe ölüp dolanýar!..)

Uçup barýaň bibat dünýäň üstünden
Alnyňda gylyç bar, top bar, gülle bar…
“Meni naçar saýmaň, otdan çykmyşam,
Türkmen üçin orta goýlan kelle bar!”

Ýok, gamçy gerek däl,
uýam, gerek däl,
Öňem ol namysdan uwlunyp barýar.
Kysmatyny är deý boýun alypdyr –
Seniň bilen soňky ýoluna barýar…

“Alla kuwwat bersin,
hemem ýalkasyn!”
Mende başga söz galmady aýdara.
…Asyr geçip, zyýaratçy jemende –
Tagzym edýär iki sany heýkele…

***

## ***Şehitleriň ruhuna degsin***

Olar aýdypdyrlar: “Meniň ýurdum bar!
Başa telpek geýjek bolsam, antym bar!
Ýedi arka pederim bar,
pendim bar –
Belli bilgil”.

Toplular diýipdir: “Meniň topum bar,
Şa köşgünden gönderilen hököm bar,
Diýmek, ýurt biziňki, muňa hakym bar,
Boýun syn, boýun…”

Gyrkylykly diýen: “Boýun synmaryn”,
Toply haýbat atan: “Soňun sanmaryn…”
“Bir başa bir ölüm!”.. Galkypdyr gala,
Toplular diýipdir: “Häý, nadan bela”.

Şeýdip, jeň bolupdyr başyň gemirýän,
Şeýdip, jeň bolupdyr biliň oňurýan.
Toplar mes iner dek lummurdapdyplar,
Asmanlar –
zeminler gümmürdäpdirler.

Telpekler peşmek dek togalanypdyr…
Diň sal: seda çykýar harabalykdan –
“Ýurt biziňki!..”
Hatar-hatar tümmekler…
Mertlik näme?! Watan üçin ölmekdir!

Munda ýurt eýesi türkmenler ýatyr.
Gadym gala, birçak çalaran dünýä…
Öli bolup ýatmaga-da ýurt gerek!
Türkmenler gidip dur…
Türkmenler gelýä…

***

Metjitleriň sany köpelip barýar,
Her gün gidýän daşyn ogşaýyn diýip!
Monça bolýan, göwnüm bitýär ilimden –
Haýryň,
ýagşylygyň nyşany diýip!

Ýüzüne Kuranyň nury çaýylan –
Gojalary iliň döwleti saýdym!
Türkmenimi –
goý, geçirsin özgeler –
Hakyň nazar salan milleti saýdym!

Ata-babalaryň ruhy ýalkar,
Owaldan güýçlüdir bilegiň seniň.
Gurýan metjidiň deý dogaýy bolsun –
Türkmenim,
türkmenim ýüregiň seniň!

***

“Gökdepe mukamyn” ýazyp bolmaýar –
Süňňi halal namazlykdan daş durup.
Hak ruhy bolup ýagyp bolmaýar –
Owal iman namazlykdan daş durup.

Ýalançynyň çyny bolup bolmaýar –
Özi yslam namazlykdan daş durup.
Amangeldi Göni bolup bolmaýar –
Asly azan namazlykdan daş durup!

***

## *Tatýana Tekinskaýanyň ruhuna degsin*

Tatýana, türkmeniň kembagt gyzy…
Şindem towlanýansyň sygman gabryňa.
Gylyç gemren beýik türkmenleň yzy –
Seniň nalaň ot oklady kalbyma.

Suw ýerine gan akanda Çitliden,
Neresse gözlerňe giripdir bary.
“Wah, şonda il ýaly ölüp gitmedim…” –
Ýat ýerlerde, şeýdip, çekipsiň zary.

Sowuk gyşlar bilen,
ýalanlar bilen,
Başa-baş galypsyň arman içinde.
Iliňi eliňden alanlar bilen –
Oňuşmansyň köşgi-eýwan içinde.

Geçirmänsiň,
ruhuňy almandyr,
Şowhunly meýlisler, sazlar, aýdymlar.
Yzyna dolanýar ýanan armanlar –
Ýazda durnalary yzlap gaýdarlar.

Uýam, mundan ara üzüp bolmaýar,
Ýurt – oýun däl, ganyň bilen bilmeli!
Türkmen başga ýerde ölüp bilmeýär –

Ol gelmeli,
ata ýurda gelmeli!

Sen gelipsiň, öz iliňde galypsyň,
Bu gün ýatlamazlyk günädir, günä.
Onda ýatan şehitler deý ýazyksyz –
Arkaňda – türkmen bar,
Gala bar, gala!

## • “GÖKDEPE MUKAMYNA” ÝANAMA

Magşar güni, onuň gyldan syraty –
Hiç haçan öçmejek nar ýatyr munda.
Goç ýigidiň gül ömrüniň myrady –
Gara käkil, gara hal ýatyr munda.

Aryn haklan ýygynlara geçirlen,
Damarlardan bogunlara geçirlen,
Atalardan ogullara geçirlen –
Basgylanan namys-ar ýatyr munda.

Başynda kyýamat gopduryp toplar,
Türkmen, meger, şol gün utulan hakdan,
O dünýe-bu dünýe içiňden çykmaz –
Bimährem depelän tör ýatyr munda.

Kimler gutulypdyr ykbaldan gaçyp,
Şor çykan maňlaýy nogta dek saçyň,
Elinde gyrkylyk,
gözleri açyk –
Gurhan ýaly halal ýar ýatyr munda!

Kim eňresin, siz eňremän,
eňremän,
Göge ýetdi perýatlaryň, zenzeläň,
Natywan eýleýip, bagryň penjelän –
Gönübekden galan tar ýatyr munda.

Ençe mertler jeset bolup sowady,

Şahyryň elinde aglar döwedi,
Kesearkajyň gül ýüzüniň tuwagy –
Gara batyr atly är ýatyr munda.

Il namysy orta düşüp çapyşýan,
Gyssananda toprak bilen öpüşýän,
Şindi-şindem ýüregiňe ýapyşýan –
Yzy gelmez ahy-zar ýatyr munda.

Ýeller-günler almaz, galar adyňda,
Nesiller ömürlik saklar ýadynda,
Bir gysym gum bolup ata ýurdumda –
Bakyýetde çüýräp, har ýatyr munda…

Baýram JÜTDIÝEW. Goşgular